
Eýýup



Uz ýurdy.
Eýýubyň we maşgalasynyň mülki.
Eýýup ýedi ogluň we üç gyzyň kakasy. Ol diňe bir uly baýlygy bilen bütin gündogarda meşhur bolman,
eýsem, Hudaýa, maşgalasyna, dostlaryna we ýakynlaryna wepalylygy bilenem meşhurdy.
Men käsämi hojaýynymyz üçin göterýärin.
Eýýup meniň meňzemek isleýän adamym, oňa meniň çagalarymam meňzemek islär diýip umyt edýärin!
Köne dostum Elipaz! Sen juda gowy!
Men gowy? Seret, sen biziň üçin nähili meýlis guradyň!
Bolýar-la, sen meniň dostum ahyry.
Üstesine-de siz meniň maşgalam ýaly!
Onuň iň ýakyn dostlary golaýdaky obalaryň hemmesinden geldiler…


Eýýup 1:1-3


Ol: «Maşgala» diýdi! Oho, bu şeýle gowy bolardy!
Sebäbi hiç kim maşgalasyny sen ýaly gowy görenok, Eýýup!
Teýmanly Elipaz öz akyldarlygy bilen meşhur bolan Teýmandandy.
Hawa, öz maşgalasyny söýýän adam akyldarlygy-da söýýär.
Şuwaly Bildat Ybraýymyň ogly Şuwanyň neslinden bolup, ýurduň gündogar tarapyndaky Arap çöllügindendi.
Eýýup! Munuň ýaly baýlyga hem maşgala mynasyp bolar ýaly, seniň näme edeniňi bilemok -
- ýöne, haýyş edýärin, menem şeýle bolarym ýaly, maňa gürrüň ber.
Nagamly Sopar ýurduň serhedindäki Nagamdan.
Eýýup üçin! Sahy, wepaly we takwa adam üçin!
Salykatlylyk – onuň gowy häsiýetleriniň biri, ýogsam, bu öwgüleriň hemmesi onuň başyny aýlardy.
Büz tiresinden bolan Elihu Eýýubyň ýakyn dostlarynyň iň ýaşy. Onuň ady "Ol – meniň Hudaýym" diýmegi aňladýar.


Kaka?
Men gidýärin. Häzir Omar başga üýşmeleň edýär.
Men çagalarymyň wagtlaryny entegem bile geçirýändiklerine men şat!
Eýýäm gidýärsiňmi?
Özüňizi gowy alyp barmagy ýatdan çykarmaň! Doganlaryňa muny ýatlat.
Hökman, kaka!
Men Sete seniň ýanyňda gitmegi tabşyrdym. Ol şol ýerde siziň bilen galar we seni irden öýe alyp geler.
Hemmelere meniň söýýänimi aýt!
Biziň üçin seniň edýän zatlaryň hemmesiniň – aýratynam, biziň üçin berýän gurbanlyklaryň gadryny bilýäris. Biz seni ýa-da Hudaýy masgara etjek hiç zady etmezlige çalşarys! Men söz berýärin!

Eýýup 1:4


Gurbanlyklar?
Meýlis guryan wagtynda günä etseler, Eýýup mydama çagalarymyz üçin Rebbe gurbanlyk berýär.
Reb biziň günälerimiz üçin töleg talap edýär. Biz mukaddes däl-de, murdar.
Men olary gowy görýärin, şol sebäpden Rebbiň öňünde olar üçin töwella edýärin.
Sen haçan şeýle etjek?
Olar uzak gije meýlis gurarlar, şonuň üçin daňa çenli gurbanlyk berjek däl.
Tolgunmaň, men meýlisimizi bes etmekçi däl!
Bu bolsa, meniň eşitmek islän zadym!
Eger başga adamlar üçin gurbanlyk bermäge ukyply adam bar bolsa, şol diňe sensiň, Eýýup.
Ýok, Elihu. Adam hakda hiç haçan beýle zat diýme -
- sebäbi men siziň hiç biriňizden uly däldirin.
Hudaýyň öňündede, Onuň mukaddesliginiň öňünde-de hemmämiz günäli we tämizlenmäge mätäç…
Indi bolsa, geliň, iýeliň – nahar sowaýar!

Eýýup 1:4-5



Ertesi üçin irden.
Eýýup öz sözi boýunça hereket etdi.
Ol mydama edişi ýaly etdi.
Çagalarym üçin töwella etmäge men Seniň ýanyňa gelýärin, Rebbim.
Olary maňa Sen peşgeş berdiň.
Eger olar ýüreklerinde Seniň adyňa ysnat getiren bolsalar, ýalbarýaryn, bu gurbanlygy kabul et.
Eýýup öz hereketlerini Hudaýyň synlaýanyny bilýärdi.
Ýöne ol özüni başga biriniňem synlaýanyna akyl ýetirmedi.


Eýýup 1:5



Gökde Hudaýyň ogullary Onuň öňünde durdular.
Göze görünmeýän şol beýleki synlaýjy hem, başgalaryň arasynda geldi.
Kowlanlaryň biri.
Iň ilkinji kowlan.
Şeýtan.
Sen nireden geldiň?
Men ýerde adamlaryň arasynda boldum.
Men Seniň şeýle gowy görýän janly-jandarlaryňy synlap, ýeri doly aýlandym.
Hawa, bu şeýle.


Eýýup 1:6-7




Eýýup 1:13 – 1:12


Eýýubyň meýdanlarynda
Ajaýyp meýdanlar, daş-töwerek asuda...
Bu näme boldugy?
Urgy Urgy
Gaçaly!!!

Eýýup 1:14



Eýýubyň mülküniň gyralaryndaky depeler, ol ýerde onuň sürüleri otlap ýör.
Bu nänämiň ysy?
Eý, hemmäňiz!
Gaçaly!
Bu...


Eýýup 1:16


Eýýubyň düýeleriniň kerweni.


Sen muny eşidýärsiňmi?
Bu ses o ýerden gelýär, ýöne bu nämekä?


Kesetler!
Bu çozuşdyr!
Olar hemme ýerde!
Bizi gurşadylar!



Eýýubyň uly ogly Omaryň öýi.
Sen gowuja dynç aldyňmy, Kol?
Hawa, ýöne siziň kömegiňiz bilen däl, Dawiniýa!
Men ýatanymdan soň Ýet kirişli sazyny uzak wagtlap çaldymy?
Örän kän çaldy, Kol! Örän uzak çaldy
Ýör, iýer ýaly zat tapaly.
Adamym entek ýatyr, ýöne oýananda, ol mydama örän aç bolýar.
Ýene kän galdy! Omar, beýleki oglanlaram oýa otyrlar!
Sen nämedir bir zady eşidýärsiňmi?
Men munuň ýaly zady hiç haçan görmändim…
Bu… Bu… Bu göni biziň üstümize ýykylýar!!!
Ýörüň, bu ýerden çykalyň!
Biz nirä çykyp bileris?




Eýýup 1:19


Saçagymyň başynda naharymy paýlaşanyňyz üçin sag boluň!
Biz ýene siziň bilen görşeris!
Şu gün irden men seni we gurbanlyklaryňy gördüm, Eýýup.
Seniň Hudaýa wepalylygyň deňi-taýy ýok.
Bu ýüregimde saklajak göreldämdir.
Saňa minnetdar, Elihu.
Bu meniňem ýüregimde saklajak göreldämdir.
Sen maňa ýallaklaýarsyň, gadyrdan aýalym!
Ýallaklaýan? Hiç haçan!
Indi sen maňa şäherli zergäriň satýan altyn çanagyny alyp berermiň?
Belki… maňa ýene azajyk ýallaklanyňdan soň!
Hojaýyn! Hojaýyn!


Ebed, saňa näme boldy?
Jenap… men diri galan ýekeje adamdyryn…
Sabalylar… olar duýdansyz çozdular – hemmeleri öldürip, elimizdäki zatlarymyzyň ählisini aldylar!
Hannam, seniňem üstüňe çozdularmy?
Ýok… gökden ullakan ot ýagdy!
Ol meýdanlaryň, sürüleriň we çopanlaryň menden başga hemmesini ýakdy.
Bolup bilmez!
Tarum? Haýyş edýärin, maňa gowy habar getireniňi aýt!
Biziň üstümize kesetler çozdy!
Daşymyzy gabap, hemmeleri öldürdiler we düýeli kerwenleri alyp gitdiler!
Hojaýyn! Eýmenç bela indi!
Men bilýärin! Eýýäm eşitdim!
Hyzmatkärler öldi! Mallar gyryldy ýa-da talanan! Bu eýmençlik!
Ýok, jenap, ondan-da beter bir zat bar!
Has beter!?! Set, mundan beter näme bolup biler?


Seniň ogullaryň we gyzlaryň uly ogluň öýünde meýlis gurap otyrdylar…
Men muny bilýärin! Sen bize näme aýtmaga geldiň?
Güýçli ýel turup, jenap,… öýüň üstlerine ýykyldy...
Öý ýykyldy... Biz döwükleriň hemmesini aýyrdyk we hemmesini tapdyk, ýöne olar... Hemmesi. Hemmesi.
Ýok. Ýo-ok... Ýok... Ýok... Ýok...
Beýle bolup bilmez!!! Ýok!!!
Ýok!!!
Meniň çagajyklarym… Meniň mähriban çagalarym…



Eýýup 1:20


Ýok! Ýok!
Ýok! Ýok!
Eýýup 1:20


Birnäçe günden soň...




Eýýup 2:21-1:22


Hudaýyň ogullarynyň Rebbiň öňünde duran güni ýene geldi.
Olaryň arasynda ýene kowlanlaryň birinjisi geldi.
Meniň saňa aýdyşym ýaly, hyzmatkärim ýaly Maňa wepaly bolan başga ýokdur.
Sen ony Maňa garşy goýjak bolduň, emma ol birkemsiz dur.
Dogrudanam, ol diňe bir sebäbe görä dur.
Maňa oňa galtaşmaga rugsat berilmedi.
Ýöne eger onuň öz jany sorag astynda bolsa näme? Adam öz jany üçin hemme zady bermäge taýýardyr!
Eger etine we süňküne zyýan ýetse we zaýalansa, onda ol Seni näletlärdi!
Men saňa şeýle etmäge rugsat berýärin.
Sen netijäniň nähili boljagyny bilýändirin öýdýärsiň.
Ine, ol seniň eliňde.
Ol dirikä, oňa islän zadyňy et.
Ýöne men dogrudanam ony we uzaga alyp gidýän netijesinem bilýärin.
Dogrudanam, "uzaga alyp gidýän netije".

Eýýup 2:1-2:6



Eýýup, sen näme edýärsiň?
Meniň endamym gijeýär... hiç haçan beýle zady görmändim…
Bar, düşegiňe geç-de, ýat!
Wah… agyrýar
Eýýup? Näme bolýar?
Eýýup?
Waý… Ýok…


Meniň bedenim agyrýar... Bar ýerim...
Derim... Garnym... kelläm... gursagym...
Özüňe seret!!!
Sen entegem: «Rebbiň ady mübärekdir diýýärsiňmi?
WAAAH!!!
MMMM… AAH!!!
KRAK
Muny… bes etmäge mejbur et… Gutular ýaly bir zat et…
Eýýup!
Hudaýy näletle!

Eýýup 2:6 – 2:9



Ony näletle-de, öl!!!
Biz onýyllyklaryň dowamynda edişimiz ýaly, Hudaýdan diňe gowy zatlary alyp, erbet zatlary almaly dälmi?
Men başga adamlardan akmak sözlere garaşyp bilýärdim, ýöne senden däl!
Indi men onam ýitirýärin…


Eýýup 2:8


Boldy... Ýitdi...
Mallarym... Hyzmatkärlerim... Çagalarym...
Toprak we kül...

Eýýup 2:8




Eýýup 2:11-2:12



Dostlary seslerini çykarman onuň bilen ýedi gün oturdylar.
We ýedi gije
Ahyrsoňy...
Meniň doglan günüme nälet bolsun!!!


Eýýup 2:11-3:1




Eýýup 3-4:11, 6:11


Ýamanlyk hem hasrat!!!
Sen bu zatlara mynasyp bolar ýaly bir zat etdiň!
Ukym tutmadyk bir gijede görnüş gördüm…
Ruh üstümden geçdi-de, öňümde durup, şeýle diýdi:
Ölüler Hudaýyň huzurynda takwa bolup bilerlermi?
Adam, ýaradylan zat, öz Ýaradyjysy Rebden arassa bolup bilermi?
Eger perişdeler günä edip bilýän bolsalar, onda öýleri gurýan, ýagny tozana öwrülýän we bedenleri güýeler ýaly gyrylýan adamzat hakda näme diýjek!
Ine, meniň saňa ýyllara, tejribä we synlara esaslanýan maslahatym, Eýýup.
Hudaýy agtar!
Seni düzetmek üçin Hudaýyň özüňi saýlanyna begen!
Bagtly bolmak? Şunuň üçinmi?
Ol muny saňa kömek etmek üçin edýär! Ol seni ýaralap bilýär, ýöne ýaraňy-da Şol saraýar.
Öz eýmenç günäňe toba etseň, sen saplanarsyň!
Elipaz, maňa bir zat aýtmaga rugsat et.


Çagalarym öli ýatyrlar, bedenimem keselden çüýräp barýar!
Ýöne men hiç haçan Hudaýa şübhelenmedim ýa-da Onuň sözüne garşy çykmadym!
Şunuň ýaly zada mynasyp bolar ýaly, nädogry iş eden ýerimi maňa görkez, menem bes ederin!


Edip bilmersiň! Edip bilermiň?
Elipaz, meniň gözlerime seret!
Bigünädigimi aýdanymda aldaýan bolsam gör!


Eý Rebbim! Tenimden gan, hapa, gurçuk we iriň çogup dur!
Men gynanmadan we agyrydan gygyrýaryn! Sen meniň kalbymdaky gaýgyny görýärsiň!
Men Elipazyň aýdyşy ýaly, günä etdimmi?


Sen maňa görkezen badyňa, meniň toba etjegimi bilýärsiň!
Sebäbi men häzir ýere ýatyp, bedenimiň tozana öwrülmegine ýol bermek isleýärin…
Eýýup?


Seniň sözleriň güýçli şemal ýalydyr!
Hudaý hökümi üýtgedýän däldir!
Eger sen arassa bolan bolsaň, onda Ol bu wagta çenli jogap bererdi.
Atalarymyza we olaryň akyldarlygyna... we olaryň pederleriniň akyldarlygyna ýüzlen.
Biziň ýer ýüzündäki günlerimiz gysga, şonuň üçin biz akly gadymkylardan öwrenmelidiris.
Suwsuz ösümlik hakda pikir et. Hudaýy unudan adamam şeýledir!
Hasyl bolmanda, haşal otlaram kök uranda, daýhan uzak pikirlenip durmaýar -
... ol olary zyňýar.
Reb kämil adamlary taşlamaýar.
Ol erbetlik edýänleri goldamaýar!
Eýýup, toba et, soň Ol seniň ýüzüňi gülküden doldurar.


Bildat, eger men ýerde ýaşaýan iň arassa, iň takwa, iň mukaddes adam bolamda-da, barybir Ondan rehim etmegini soramagym gerek bolardy!
Onuň öňünde şeýle mukaddes durmak üçin maňa özüm üçin gürleýän araçy gerek bolardy!
Ýöne kim? Hiç kim ýok!
Rebbim, meni Seniň elleriň ýaratdy, onda Sen näme üçin meni weýran edýärsiň?
Doglan günüm Sen näme üçin gözlerime nur berdiň?
Eger men garaňkylykda şeýle-de galyp bilýän bolsam, onda durmuşymda bu garaňkylygy näme üçin berdiň?
Sözler! Sözler! Sözler!
Sözler bagyşlama ýa-da halas bolma getirmeýär!.
Sen özüň arassadygyňy aýdýarsyň, sen günäsizdigiňi aýdýarsyň, ýöne sözleriň seni beýle etmeýär!
Men ony göz öňünde tutamok!
Hudaý aldawçylary görýär, Eýýup! Ol her bir erbet adama üns berýär!
Atyň adam bolmaýşy ýaly, akylly boljagy näbelli adamlara-da üns berýär.
Sen şolaryň haýsysy, Eýýup?
Zalymmy, aldawçymy ýa akmak?

Eýýup 9-11:12


Toba et, Eýýup. Ýüregiňi erbetligi kowmaga taýýarla.
Şonda sen umyt etmäge ukyply bolarsyň we ruhlanarsyň!
Ýöne erbet adamyň umydy öldürýän bogulma bolýandyr!
Siz üçüňiz ölseňiz, adamlar akyldarlyk sorap, kime ýüzlenerkäler?
Eýýup, häzir iç ýakmanyň wagty däl…
Hä! Siz birnäçe akyldar sözleri gygyryp aýdýarsyňyz, ýöne olar meniň üstüne pürkýän akmaklygyňyz bilen garyşan.
Dünýä seret, Elipaz!
Käwagt dogry adamlaram aç bolýarlar, ogrular bolsa gülleýär!
Bildat! Garry adamlarda köp ýyllap ýygnanan öz atalarynyň akyldarlygy bar, ýöne ähli akyldarlyk Hudaýdan gelýär!
Sopar, sen Hudaýyň ýerine gürlemäge het edip, meni aýyplaýarsyň, ýöne seniň sözleriň ýalan!
Ýalan.
Külden edilen nakyllar! Palçykdan ýasalan deliller!
Eýýup, biz diňe kömek etmek isleýäris
Onda dymyň!
Rebbiň edýän zadynyň tapawudy ýok. Men Oňa ynanjak!
Sebäbi Hudaý adyldyr we gowudyr! Hem Keremdir! Sebäbi Ol – meniň gutulyşymdyr!




Eýýup 13:20 – 17:16



Eýýup 18:19-27




Eýýup 19:28-20:29


Eger sen meni beýle aýyplajak bolýan bolsaň, onda ýaşdan doly gözlerime we agyrydan doly ýüzüme seret!
Sen günäkärleriň ýaşka ölýänini aýdýarsyň! Ýalan!
Ýagyş dogrularyňam, ýoldan çykanlaryňam üstlerine ýagýar!
Näme üçindigine düşünemok, diňe Hudaý bilýär, Onuň ýollaryna hiç kim akyl ýetirip bilmeýär!.
Ýöne Hudaý mukaddesligiň üçin seni jezalandyrmaýar.
Erbet adam erbetligini ölümlileriň gözlerinden gizleýär, ýöne sen Hudaýdan gizlenip bilmeýärsiň!
Ýöne, Elipaz, men Hudaýyň ýüregine akyl ýetirjek bolamok.
Seniň aýdyşyň ýaly, ýüregimdäkini Hudaý bilýär.
Meniň çörek bilen däl-de, Onuň agzyndan çykýan her bir söz bilen ýaşanymy gowy görýänimi Ol bilýär…
Men şol sözleriň birinem şu wagt eşidemok!


Adamlar talaýarlar berbat edýärler. Garyplar aç bolýarlar we geýimlerem ýok.
Adam adamy öldürýär, erkek bilen aýal zyna edýär.
Gijäň içinde garaňky adamlar gara işleri edýärler.
Olar bilen deňäniňde men günäkär däl, ýöne gowular bilen deňäniňde welin, günäkär.
Eger Hudaýýň ygtyýaryna eýe bolan bolsam, onda bu günäliligi aýrardym.
Ýöne Hudaý beýle edenok. Näme üçin?
Belki, men muňa begenmelidirin, sebäbi şonda ýer ýüzünden süpürilip zyňylardym.
Eýýup, sen näme diýýäniňi eşidýärmiň?
Eýsem, men nädogry zat aýtdymmy?
Onçakly däl. Hudaýýň güýçlüdigi, mukaddesdigi we päkdigi dogry.
Ýöne adam?
Adam – ýöne bir liçinka, Eýýup!
Sen, Eýýup, sen Hudaýýň nazarynda bary-ýogy gurçuksyň…
Boljak zat däl, Bildat!




Eýýup 26-28:11




Eýýup 28:12-29:6




Eýýup 29:7-30:1




Eýýup 30:2-31:40




Eýýup 3:11-32:22


Sen jogap bermeýäni we Öz ýoluny saňa düşündirmeýäni üçin Hudaýdan arz edýärsiň!
Ýöne Reb aýdýar – beýle zat hemişe seniň tama edişiň ýa-da isleýşiň ýaly bolmaýar!
Düýş... Sözler... Perişde...
Tejribe-de,... Dessuram... Jeza-da.
Hudaý Özüni gowy tanamaga kömek etmek üçin gürleşýär!
Hudaý Özüne ýüzlenmäge kömek etmek üçin jezalandyrýar!
Biz alan zatlarymyzdan has erbet zada mynasypdyrys.
Ol edýän zatlarynyň hemmesini bizi garaňkylykdan ýagtylyga çykarmak üçin edýändir!
Elihu, men günäkär däl, ýöne Hudaý maňa özümi aklama mümkinçiligini bermekden ýüz öwürýär! Men Ony çagyranymda, Ol maňa jogap bermeýär.
Ol hiç zatda-da senden ýüz öwürmeýär.
Eger Hudaý günäli haýýşlara gulak asmaýan bolsa--
Eger Ol tekepbir gürleýänlere ýüzlenmeýän bolsa--
Eýsem, Ol garaşmakdan ýadanyň üçin saňa jogap bermelimi?


Hudaý adamlary gynamaýar!
Ol – Mugallym, onda-da nähili Mugallym, sebäbi Onuň öwredýän kanuny Öz döreden Kanunydyr!l
Bütin älem Oňa hasabat berýär!
Gök gümmürdisi Onuň sesi bilen deňeşip bilmez.
Ol ýagyş we gar ýagmaly bolanda, buýruk berýär!
Onuň öwsüşiniň öňünde ýeller hiç zadam däldir!
Sen bolsa, Onuň dymýanyny aýdýarsyňmy?
Ol şu ýerde, Eýýup.
Ol gürleýär!
Men köplerden akmak däl, ýöne hatda menem seňki deý gürlär ýaly derejede akmak däl.
Hudaý güýçde, adalatda we dogrulykda beýikdir.
Ondan gorkmak dogry etmekdir!
Şunuň ýaly tupana buýruk Berýäniň öňünde baş egmek dogry bolar!
Hawa...


Hawa...
Hawa, bu şeýle.




Eýýup 38:1-38:2




Eýýup 38:3-38:38


Ýaş ýolbarslar seniň eliňden iýmitlenýärmi?
Sen sugunyň dogruşyny gördüňmi?
Sen ýaňja doglan guş çagalarynyň seslerini eşitdiňmi?
Bedewe beýik güýji sen berýärsiňmi?
Bürgüdiň uçuşyny bilýärsiňmi?
Indi bolsa, Maňa jogap ber, Eýýup! Sen zatlaryň nähili bolmalydygyny Maňa görkezjek bolýarsyňmy?
Men… mende jogap ýok.
Onda munuň deregine, aşaky soraglara jogap ber!
Eýýup 38:39-40:14


Ine, güýçli myşsaly we demir ýaly süňkli begemot!
Bütin dünýäde oňa meňzeş zat ýokdur!
Hiç kim onuň garşysyna çykyp bilmeýär!
Sende Meniň güýjüm ýaly güýç barmy?
Sen günäkäriň üstüne ölüm iberip bilýärsiňmi?
Eýýup 40:15-40:24


Lewýatanmy!?
Ol ony balyk tutýan çeňňek bilen tutmaga çalyşýar!
Sen ony köşeşdirip, edil sen onuň hökümdary ýaly, ony özüň bilen sada gürleşmäge mejbur edip bilýärsiňmi?
Derisi edil demirli sowut ýaly! Döşi edil gaýa ýaly!
Eýýup 41:1-34


Bu zatlary Men ýaratdym, hiç kim olara garşy durup bilmez!
Onda Maňa kim garşy durup biler?
Eýýup, Men älemi ýaratdym, Men ýeri emele getirdim.
Men ony uly hem kiçi janly-jandarlardan doldurdym.
Men seni ýaratdym.
Maňa ynan.
Eýýup 38-41




Eýýup 4:21-42:3



Mende Seniň beren soraglaryňa jogap ýok, jogaplary diňe Sen bilýärsiň.
Şu güne çenli men Sen hakda eşiden zatlarym sebäpli, Seniň öňüňde titräp ýaşadym.
Indi Seni öz gözlerim bilen gördüm, öz gulaklarym bilen eşitdim…
Meni bagyşla!
Mende Seniň akyldarlygyň ýok, ýöne men Seniň akyldarlygyňa bil baglap biljek!
Gözlerim öz tebigatyma seredip, içime gönükdirilendi, indi bolsa, men gözlerimi, Seniň beýikligiňe seredip, Saňa gönükdirýärin!
Men saňa gaharlanamok, Eýýup.
Sende Maňa we Men hakda soraglaryň bardy, ýöne sen hiç haçan Maňa garşy gürlemediň.
Men saňa Öz gulum diýýärin, Men saňa Öz dostum diýýärin.
Siz üçiňiz babatda bolsa…


Men Eýýuby düzetmek üçin gürlänimde, men muny onuň gaharymy getireni üçin etmedim.
Ýöne siz muny etdiňiz.


Siz Meniň güýjüm we adalatym hakda aýtdyňyz, ýöne ygtyýarymy we rehimdarlygymy äsgermediňiz!
Siz Eýýuba ýalançy, ikiýüzli, günäkär diýdiňiz! Meniň ony jezalandyrýanymy aýtdyňyz!
Siz Men hakda Eýýup ýaly dogry aýtmadyňyz.


Şonuň üçin heriňiz ýedi öküz bilen ýedi goçy Maňa gurbanlyk getiriň.
Men Eýýubyň siziň üçin etjek töwellasyny kabul edýärin-de, üstüňizden mynasyp bolan jezaňyzy indermeýärin.
Toba ediň.


Bu… Bu hasrat döwri gutardy.
Eýýup, sen gowumy?
Men… Men öýe gaýdyp barmaga çen boldy diýip pikir edýärin.
Hawa-da... ýogam...
Men entegem agyry duýýaryn, men entegem çagalarymyň hasratyny çekýärin...
Eýýup?
Eger siz özüňize Hudaýýň buýran zadyny etmekçi bolsaňyz, men size öýümde garaşjak.

Eýýup 42:9



Ýör, Eýýup, men öýüňe çenli barmaga saňa kömek edeýin.
Eýýup?
Näme bolýar?
Men... Men bilemok.
Men diňe bir zady başaramok… Men düşünip bilemok!
Ýene bir zat üçin men Hudaýa minnetdarlyk bildirmeli!






Eýýubyň dostlary hemme zady Hudaýyň buýruşy ýaly etdiler.
Eýýubam özüne Hudaýyň buýran zatlarynyň hemmesini etdi.
Ýa Reb, dostlarym bu gurbanlyk bilen seniň huzuryňa geldiler!
Olar günälerine düşünýärler we toba edýärler!
Olar bu gurbanlygy Saňa garşy eden günälerini ýuwmak üçin getirdiler.
Hudaý hem, edil söz berşi ýaly etdi.

Eýýup 42:9


Munuň näme üçin bolanyny sen bir wagtlar bilermiň?
Bu saňa sapak bermek üçin boldumyka, Eýýup?
Ýa-da bize sapak bolmak üçin?
Ýa-da bizden soň ýaşajaklara?
Belki, hemmesi bilelikdedir…
ýa-da biziň düşünjämizden beýikdir!
Bütin şu wagtyň dowamynda sen Hudaýyň öňünde kimdir birinden töwellaçyň bolmagyny soradyňmy?
Indi biz seni ýüňsakal edenimizden soňam, sen durup, biziň üçin töwella edýärsiň!
Goý Hudaý saňa ak pata bersin, dostum.
Seni öz dostum hasaplamak meniň üçin hormatdyr.
Seniň bilen beýle gürleşenimizden soň nädip bizi ýigrenmediň?
Sebäbi biz Özüne şeýle edenimizde-de, Hudaý bizden ýüz öwürmeýär!

Eýýup 42:9


Elihu, maňa goltgy bereniň üçin saňa minnetdar.
Biziň dostumyz bolup galanyň üçin menem saňa minnetdar.
Seni ýitirendirin öýdüpdim.
Reb meniň elimden seni-de alandyr öýtdim.
Men onuň ... onuň meniň bilen gürleşmegini isledim.
Ýöne Onuň saňa jogap bermänine gynanýaryn!
Ol berdi!
Ýöne sen Onuň näme üçin beýle edenini düşündirmänini aýtdyň ahyry!
Ol maňa öz islän jogabymy bermedi-de, mätäç bolan jogabymy berdi.

Eýýup 42:10




Eýýup 42:11-42:17